# Edebiýat boýunça Nobel baýragy – ýazyjylyk ussatlygynyň mähek daşymy?!

Category: Edebi makalalar,Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Edebiýat boýunça Nobel baýragy – ýazyjylyk ussatlygynyň mähek daşymy?! EDEBIÝAT BOÝUNÇA NOBEL BAÝRAGY – ÝAZYJYLYK USSATLYGYNYŇ MÄHEK DAŞYMY?!



Nobel baýragynyň gaznasy, dinamit – partlaýjy serişdesini oýlap tapan we ony ýerlemekden toplanan pullaryny öz adyndaky gaznany döretmäge bagyş eden, şwed himik-alymy we telekeçisi Alfred Bernhard Nobeliň maýa goýumynyň esasynda döredilen, dünýä belli baýrak gaznasydyr.
Edebiýat boýunça Nobel baýragy, A.Nobeliň wesýetnamasyna laýyklykda, 1901-nji ýyldan bäri tutuş adamzadyň aň-düşünjesine, dünýä edebiýatyna täsir edýän, belent adamkärçilikli edebiýat eserleri üçin ýazyjylara, şahyrlara, beýleki edebi eserleriň awtorlaryna gowşurylýar.
Edebiýat boýunça Nobel baýragyny, her ýylda Şwed korollyk ylymlar akademiýasy gowşurýar. Baýraga kimiň mynasypdygynam şol akademiýa kesgitleýär. Bu ýapyk gurama, ömürlik saýlanan 18 sany agzadan – görnükli ýazyjy-şahyrlardan, alymlardan, jemgyýetçilik işgärlerinden ybaratdyr.
***

Edebiýat boýunça Nobel baýragyna dalaşgär hökmünde hödürläp

bilýärler:
1. Şwed korollyk ylymlar akademiýasynyň agzalary, beýleki ylymlar akademiýalary, institutlar we şoňa meňzeş wezipeli hem maksatly jemgyýetçilik guramalary;
2. Dürli ýokary okuw mekdepleriniň edebiýat hem lingwistika boýunça professorlary;
3. Edebiýat boýunça Nobel baýragynyň öňki eýeleri;
4. Dürli ýurtlarda edebiýat döredijiligine wekilçilik edýän awtorlyk birleşmeleriniň başlyklary. Mysal üçin: haýsydyr bir ýurduň Ýazyjylar birleşmesiniň başlygy.
Edebiýat boýunça Nobel baýragy, 1901-2023-nji ýyllarda jemi 116 gezek gowşurylyp, olardan 16-sy aýal maşgalalara berildi. Şol geçen ýyllarda, jemi sekiz sapar: 1914, 1918, 1935, 1940-1943 ýyllarda uruş sebäpli, şeýle hem, 2018-nji ýylda, Şwed akademiýasynyň agzasy, şahyr, ýazyjy Katarina Frostensonyň adamsy, fotosuratçy Žan-Klod Arnonyň bitertip jynsy gatnaşyklary hem-de akademiýanyň kätibi Sara Daniusyň baýrak bilen bagly gizlin maglumatlary dalaşgärlere äşgär edýändigi sebäpli jenjel döräp, bu baýrak gowşurylmady.
Bu baýrak 1904, 1917, 1966, 1974 ýyllarda iki awtora birden gowşuryldy.
Häzirki wagta jemi baýrak alanlar 120 awtor bolup, olardan 79-sy çeper edebiýatyň proza (kyssa) žanrynyň wekilleridir.
Häzire çenli bu baýraga mynasyp bolanlardan iň ýaşy – 42 ýaşynda baýragy alan Redýard Kipling (1907-nji ýylda) we iň garrysy 88 ýaşynda baýraga mynasyp hasaplanan Doris Lessing (2007-nji ýylda) bolup durýar.
Bu baýrak bilen gowşurylýan puluň möçberi her ýyl Alfred Nobeliň wesýetnamasy esasynda goýlan Nobel gaznasynyň esaslyk maýasynyň (desmaýasynyň) dolanyşygyndan alnan girdejä baglylykda üýtgeýär. Mysal üçin: Edebiýat boýunça Nobel baýragy, ilkinji gezek gowşurylanda, ýagny 1901-nji ýylda, onuň pul möçberi takmynan 15 078 şwed kronasy (şo döwrüň alyş-çalyş nyrhlarynda, takmynan 10 000 ABŞ dollary) bolan bolsa, 2023-nji ýylda takmynan 1 100 000 şwed kronasy (takmynan 99,6 müň ABŞ dollary) bolupdyr.
Ýene-de maglumat üçin aýdylanda, meşhur “Ýuwaş Don”

epopeýasynyň awtory, Mihail Şolohow, 1965-nji ýylda bu baýrak bilen bilelikde 62 müň ABŞ dollary möçberinde pul sylagynam alypdyr. Şol puldanam, üç müň ABŞ dollary möçberindäki, özüniň ýol we ýörite “toý eşigi” (*baýrak gowşurylanda gara frakly, gara jalbar, ak köýnekli, gara “tufli” sortundaky köwüşli, kebelek-galstukly bolmak – dress-kod* ) üçin döwlet tarapyndan sarp edilen puly, yzyna SSSR-iň hökümetine bada-bat gaýtaryp beripdir.

***

Edebiýat boýunça Nobel baýragy birinji gezek fransuz şahyry hem esseçisi Rene Fransua Arman Prýudoma (Sýulli-Prýudoma) “Döwlen gülдан” atly goşgusy üçin gowşurylýar. Bu baýragyň oňa gowşurylmagam bada-bat edebi jemgyýetçilikde jenjel döredýär. Sebäbi şol gezek Nobel komiteti Sýulli-Prýudom bilen bilelikde seçilen Lew Tolstoýy bu baýraga mynasyp hasaplamaýar. Baýrak bu şahyra “görnükli edebiýat ahlaklylygy, belent idealizmi, çeper kämilligi, öz döredijiliginde mähribanlygy hem zehini birleşdirmegi başarandygy üçin” gowşurylypdyr.

***

1902-nji ýylda bolsa, Lew Nikolaýewiç Tolstoýy edebiýat boýunça Nobel baýragyna hödürlänlerinde, Şwed ylymlar akademiýasynyň alym-kätibi Karl Wirsen muňa garşy çürt-kesik çykyş edýär. Özüniň bu hereketini Karl Wirsen şeýle düşündirýär: “Bu ýazyjy siwilizasiýanyň ähli formalaryny ýazgardy we olaryň deregine belent medeniýetiň ähli görkezmelerinden üzňeleşen ýöntem durmuş şekilini kabul etmegi nygtady… Siwilizasiýanyň islendik galyplary babatda şeýle süňkleşen rehimsizlik bilen sataşan islendik kişini müňkürlik basmarlar. Hiç kim şeýle garaýyşlara raýdaşlyk bildirmez”.
1906-njy ýylda Rus Imperatorlyk Ylymlar akademiýasy Lew Nikolaýewiçi Edebiýat boýunça Nobel baýragyna hödürlände, Lew Nikolaýewiçiň özi şol baýragyň özüne berilmezligini gurnamagy iş edinipdir. Dürli edebiýat ugrundan alymlara, ýazyjylara, belli şahslara, şol baýragyň özüne berilmezligini haýyş edip

hat ýazypdyr. Netijede şol ýyl, bu baýrak italýan şahyry Jozue Karduççä gowşurylypdyr.
Şunuň bilen baglylykda Lew Nikolaýewiç ýazypdyr: “Birinjiden: bu ýagdaý meni uly müşgillikden – bu pullary nirä sarp etmelidigini çözmekden dyndardy, bu pullaram islendik pul ýaly, meniň ynanjym boýunça diňe zulum döredip bilýär; ikinjiden bolsa, bu ýagdaý meni, özüme nätanyş bolan, ýöne özümiň çuňňur sylaýan ençeme adamlarymdan duýgudaşlyk almak abraýyna hem lezzetine sezewar etdi”.
Jozue Karduçç i (1835-1907) bolsa häzirki wagtda öz watany – Italiýada-da tas undulmak derejesinde galan şahyrdyr (*Şu ýerde: “Görüň-ä muny-ou! Kimi nämä mynasyp görüpdirler-ou, akmaklar!” diýip, gykuw berip, heşelle kakmak üçin bu maglumaty ýazmandygymy, diňe oýlanmaga maglumat hökmünde ýazandygymy aýdasym tutýa :-(.*
*Nämüçin düşündirdim?*
*Sebäbi düşündirmeseň, diňe ters düşünjek bolup dyzaýarlar.*
*Bu aksioma.*).

***

Şondan bärem Nobel komitetiniň edebiýat boýunça baýrak gowşurmak barada çözgütleriniň ençemesi ýiti tankyda duçar bolup gelýär.
Belli bir derejede munuň üçin bahana-da ýok däl ýaly :-).
(*Näme üçin ýylgyrýan?*
*Sebäbi, edebiýat ýaly çuňňur subýektiw hadysa boýunça, her haýsy özboluşly bir dünýä, şahsyýet bolan, “dünýäde näçe adam bolsa, şonça-da şonça bar” diýilýän, bir ýa-da iki adamdan däl-de millionlarça adamlardan obýektiwligi islemek – ýöntem gülkünçlik däl-de, näme eýse?*).
Sebäbi tutuş 20-nji asyryň umumadamzat edebiýatyna düýpli täsir eden ýazyjylar: Bertold Breht, Tomas Wulf, Frederiko Garsia Lorka, Frans Kafka, Marsel Prust, Frensis Skott Fitsjerald, Mark Twen, Gerbert Uells, Oldos Haksli, Tomas Gardi, Anton Çehow, Çingiz Aýtmatow, Jebran Halil Jebran, Wladimir Nabokow, Akutagawa Rýunesko ýaly nijeme awtorlar bu

baýraga mynasyp saýylmandy.
Şol sanda-da bu baýragyň gowşurylmagy, köp halatlarda, hut aňyýet gapma-garşylyklarynyň täsiri astynda bolup geçipdi. Mysal üçin: görnükli çeh ýazyjysy Karel Çapege, “Salamandralar bilen uruş” atly 1936-njy ýyldaky romany üçin bu baýragyň berilmezligine, onuň bu eseriniň, şol wagtlar faşistik-milletçilik häkimiýeti agalyk sürýän Germaniýanyň hökümeti tarapyndan kemsidilme hökmünde kabul ediljekdiginden howatyr etmek sebäp bolupdy.
Şonuň ýaly-da, adatça, Nobel komiteti tarapyndan, bu baýraga dalaşgärler seljerilende, olaryň edebiýatda, çeper döredijilikde onlarça ýyllyk zähmetiniň nazara alynýandygyna garamazdan, hut aňyýet-syýasy garaýyşlar bilen baglylykda, bary-ýogy sekiz ýyl bäri ýazyjylyk bilen meşgullanýan, Aleksandr Solženisine 1970-nji ýyl üçin baýragyň berilmegi hem, Nobel komitetiniň tarapgöýsüzlikden azat däldiginiň subutnamalarynyň biri diýlip hasaplanýar.
Bulardan başga-da edebiýat boýunça Nobel baýragy bilen bagly käbir dawaly ýagdaýlaram agzap geçeýin.

***

Maksim Gorkiý bu baýraga 5 sapar hödürlenipdir: 1918, 1923, 1928, 1930 we 1933-nji ýyllarda. Soňky saparda M.Gorkiý bilen bilelikde bu baýraga dalaşgär hökmünde emigrasiýadaky rus ýazyjylary Bunin hem Merežkowskiý hem bar eken. Ýeri gelende aýtsak, 1933-nji ýyldaky synanyşyk Bunin üçinem dalaşgär hökmünde hödürlenýän 5-nji sapary eken. Şol ýylam Iwan Alekseýewiç Bunine baýrak: “Rus nusgasy kyssasynyň dessurlaryny ösdürýän talapkär ussatlygy üçin” gowşurylypdy.

***

Boris Pasternagy, bu baýraga, onuň öňki laureaty, meşhur fransuz ýazyjysy Alber Kamýu hödürleýär. Netijede Nobel komiteti 1958-nji ýylda B.Pasternaga baýragy gowşurmak hakynda çözgüt kabul edýär. Emma SSSR-däki syýasy basyşa çydamadyk B.Pasternak bu baýrakdan resmi ýüz döndermäge mejbur bolýar.

Bu baýrakdan ýüz döndertmek üçin B.Pasternagy ýazyjylar birleşmesiniň agzalygyndan çykarýarlar, raýatlykdan mahrum edip, mejbury ýurtdan çykarmak haýbatyny atýarlar, onuň tutuş döredijiligini, esasanam baýragyň berilmegi üçin esas bolan “Lukman Žiwago” atly romanyny adalatsyz, ýöne kommunistik aňyýet tarapyndan doly gollanylýan tankydyň astyna alyp, ýazyjyny köpçülikleýin ýekirilmeklige sezewar edýärler. 1958-nji ýylda SSSR-iň Ýazyjylar birleşmesiniň umumy ýygnagynda (plenumynda) B.Pasternagyň işine, esasanam “Lukman Žiwago” romanynyň mazmunyna garalanda, gartaşan ýazyjyny gykuw berip ýepbekleýänleriň biriniň gygyran: “Pasternagy okamadym, ýöne ýazgarýan!” diýen sözi, ganatly tymsala öwrülip, hemişelik taryhda galdy. Bu syýasy yzarlamalaryň netijesinde B.Pasternak saglygyny ýitirýär we şondan bary-ýogy iki ýyl soň aradan çykýar.

***

Knut Gamsun, norweg ýazyjysy, bu baýragy 1920-nji ýylda çap edilen “Topragyň şireleri” atly meşhur romany üçin 1943-nji ýylda, Ikinji jahan urşy ýyllarynda alýar. Şol bada-da ol bu baýragyň altyn medalyny we pul sylagyny, öz ýurduny basyp alan faşistik Germaniýanyň propaganda ministri Ýozef Gebbelse, özüniň Adolf Gitlere bolan çäksiz hormatynyň nyşany we basybalyjy ýurda meýletin kömek hökmünde gowşurýar. Emma bu hereketem Knut Gamsuna A.Gitleriň göwnünden turmaga ýardam bermändir.
Olaryň ýeke-täk duşuşygy şol ýyl bolup geçýär. A.Gitler gürläp başlanda-da K.Gamsun pursatdan peýdalanyp, oňa bahymrak öz pikirlerini aýtmak maksady bilen fýureriň sözüni bölýär. Muňa-da zanny boýunça juda gyzma, şol wagtlar bolsa Gündogar (SSSR bilen) frontdaky öz goşunlarynyň şowsuzlyklary sebäpli hasam galagop ýagdaýdaky Gitleriň girre gahary gelýär. Netijede olaryň arasyndaky bolup geçen gürrüň, ýazyjynyň bu duşuşykdan gözýaşyny seçelendirip gaýtmagyna getiripdir. Emma bu ýagdaýam K.Gamsunyň öz garaýyşlaryndan dänmegine itermändir. Ol A.Gitleriň ölümine nekrolog ýazanda, ony – urşujy gahryman,

özüni bolsa ol barada gürlemäge-de nämynasyp adam diýip atlandyrypdyr. Uruş gutarandan soňra K.Gamsun özüniň basybalyjylardan azat edilen ýurdunda jenaýat jogapkärçiligine çekilipdir, diňe onuň gartaşan, egbar haly ony azatlykdan mahrum edilmekden halas edipdir.

***

Adolf Gitler bilen baglam, Nobel komiteti jenjele uçrapdyr. Ady jellat ganojagyň şertli aňlatmasyna öwrülen bu syýasatçy hem, şwed syýasatçysy we hukukçysy Bradt tarapyndan, Nobel komitetiniň mejlisleriniň birinde, 1939-njy ýylda, wäşi degişme hökmünde □ Parahatçylyk boýunça Nobel baýragyna hödürlenipdir. Emma, juda agras hem salyhatly □ Nobel komitetiniň agzalary, gara çyny bilen Gitleri dalaşgär hökmünde resmi seljermäge başlapdyrlar. Bu ýagdaý mälim bolan dessine, metbugatda köpçülikleýin tolgunma başlanypdyr. Netijede Gitler dalaşgärleriň sanawyndan aýrylypdyr.

***

Stenli “Tuki” Uilýams, ABŞ-ly gangster, “Crips” aňlatmaly bandany esaslandyryjylaryň biri, garakçylyk maksady bilen dört adamy öldürmekde aýyplanyp, ölüm jezasyna höküm edilen jenaýatçy 2000-nji ýyldan başlap, tä kazyýetiň kanuny güýjüne giren hökümi bilen bellenen jeza çäresiniň ýerine ýetirilen 2005-nji ýylyň dekabryna çenli jemi dokuz gezek Nobel baýragyna hödürlenýär. Olardan 5 sapar parahatçylyk üçin 4 saparam edebiýat boýunça Nobel baýraklaryna dalaşgär bolýar. Bu jenaýatçy türmede jeza garaşyp oturan wagtynda birnäçe sany çagalar üçin kitaplaryň awtory bolmaga ýetişipdir.

***

Žan-Pol Sartr, fransuz ýazyjysy, filosofy, 1964-nji ýylda özüniň Nobel komiteti tarapyndan baýragyň eýesi hökmünde saýlanyp alnandygy aýdylanda, diňe Nobel baýragynyň laureaty bolandygy üçin okyjylar öz zatlaryny okamak üçin saýlap almazlary ýaly, şonuň üsti bilenem okyjylara täsir etmezlik

maksady bilen baýrakdan ýüz dönderipdir.

***

Çingiz Aýtmatowdan bu baýragyň özüne näme üçin gowşurylmaýandygy barada soralanda, Çingiz aga hemişe-de sypaýyçylykly başdansowmalyk bilen jogap bermäge çalşypdyr. Ýöne bellärlikli ýagdaý, Çingiz aganyňam bu baýraga ençeme gezek hödürlenenligidir. Onuň Nobel baýragyny almaklyga iň ýakynlaşan gezegi 1987-nji ýylda bolupdyr, oňa hatda käbir çeşmelerden bu baýragyň beriljekdigi barada hyşy-wyşy habarlaram ýetipdir. Emma bu waka, şol ýyl bu baýragyň kommunist Çingiz Törekulowiçiň üstünden “ätlenip”, sowet-dissident şahyry Iosif Brodskä berilmegi bilen tamamlanypdyr. Çingiz aga iň soňky gezek Azerbaýjanyň Atatürk merkezi, Ýazyjylar birleşmesi tarapyndan bu baýraga hödürlenipdir. Emma Nobel komiteti belli bir çözgüde gelýänçä, Çingiz aga aradan çykypdyr. Bu baýragyň gowşurylyş şertine görä bolsa, ol diňe aýatda diri gezip ýören adamlara berilýär.

***

Bob Dilan, ABŞ-ly sazanda we aýdymçy, 2016-njy ýylda “Köpsesli döredijiligi – biziň döwrümiziň jebir-jepasynyň hem edermenliginiň heýkeli üçin” edebiýat boýunça Nobel baýragyna mynasyp görülýär. Elbetde, bu baýragyň aýdymça gowşurylmagy ilkibaşda-da geňirgenmek döredýä, ýöne, B.Dilanyň Nobel baýragy gowşurylandan soň, baýragyň eýeleriniň çykyş edýän dessurlaýyn nutugyndan soň, jenjel hasam möwjeýär. Şonda onuň öz nutugynyň esli bölegini mekdep okuwçylary üçin niýetlenen saýtyň tekstinden “assyrynlyk bilen çilendigi” güman edilip başlanýar :-). Metbugat serişdeleriniň biri bolsa bu ugurdan öz derňewinem geçirýär. Ýöne bu derňew B.Dilanyň nutugyndaky alynmalaryň “üzlem-saplam we bölekleýin (fragmentar) häsiýetlidigini” subut edýär.

***

Peter Handke, awstriýaly ýazyjy, dramaturg, 2019-njy ýylda bu

baýraga eýe bolýar. Munuň bilen bagly jenjeliň hamyrmaýasy bolsa – P.Handke öz çykyşlarynda ençeme gezek edebiýat boýunça Nobel baýragyny aýyrmak hakda teklip bilen, onuň garşysyna çykyş edip gelipdir. Onuň pikirine görä bu baýrak okyjylara hiç hili peýda bermeýär, nakgaşy (döredijini) bolsa, şoňa jinnek zerurlyksyz ýagşyzadalaşdyrýar. Ýöne, P.Handkeniň bu garaýyşlary oňa baýragy we onuň sylagyny kabul etmäge hiç hili päsgelçilik döretmändir :-(. P.Handkeniň şu we beýleki garaýyşlary sebäplem, birnäçe döwletlerde, intellektual jemgyýetçilik ony baýrakdan mahrum etmek barada köpsanly çykyşlar bilen örç alyp galypdyr. Emma, bu dergazap çykyşlar, Nobel komitetiniň çözgüdine hiç hili täsir edip bilmändir.

***

Gýunter Grass, nemes ýazyjysy, 1999-njy ýylda “onuň oýunçyl hem garaňky hekaýatlarynyň taryhyň undulan keşbini nurlandyrýandygy üçin” (“Galaýy deprek” eseri üçin) bu baýraga mynasyp hasaplanýar. Megerem, bu baýrak ýazyja gowşurylandan soň, şwed akademikleri ony baýraga mynasyp saýan günlerine nälet okan bolsalar gerek :-(. Sebäbi baýrak gowşurylandan soň Gýunter agaň terjimehalyny has içgin söküläp ugran habarçylar, onuň ýetginjeklikde Gitlerýugendde (faşistleriň söweşjeň çagalar guramasy) agza bolandygyny, soňam onuň Waffen-SS atly gadagan edilen hem lagnat siňdirilen faşistik harby gurama gulluga girendigini anyklapdyrlar. Bu “anyklamalar” bolsa, Nobel baýragynyň laureatynyň töwereginde jenjeliň çaltlyk bilen örjemegine getiripdir. Netijede G.Grass, özüniň gulluk eden ýyllarynda ýekeje gezek ok atybam görmändigini nygtap, “Hakyda kösükleri” atly awtobiografik häsiýetli roman ýazmaly bolupdyr. Emma, muňa garamazdan 2012-nji ýylda Israýyl döwleti ýazyjyny persona non-grata (islenilmeýän, ynama mynasyp däl, ynamdan mahrum bolan şahs) diýip yglan edipdir. Şeýlelikde, ýazyjy ömrüniň ahyryna çenli, geçmişi üçin özüni aklap gezmäge mejbur bolupdyr.

***

Klod Simon, fransuz şahyry, 1985-nji ýylda bu baýragy alypdyr. Şol wagtlar Ýewropa hem-de umumy Günbatar edebiýatynda “täze roman” žanry möwç alýan eken. Bu žanr esasan, tukatsöw, ýöne iňňän çeperçilik bilen beýan ediş stiline esaslanýar. Tankytçylaryň pikirine görä, Nobel baýragyna bu akymy esaslandyryjy Alen Rob-Griýe Klod Simondan has mynasyp eken. Ýöne A.Rob-Griýeniň “Nýu-Ýorkdaky ynkylabyň taslamasy” atly sadizme ýugrulan, jenjelçi romany, onuň dalaşgär hökmünde Nobel komiteti tarapyndan ret edilmegine getiripdir. Elbetde, Nobel komieti bütindünýä edebiýatynyň ahlak senzory däl, ýöne bu baýragy esaslandyryjy Alfred Nobel edebiýat boýunça baýragy, diňe umumadamzat ähmiýetli gumanizm (belent adamkärçilik, ýokary ynsanperwerlik) ideýalaryny ykrar ediji eserleriň awtorlaryna gowşurmagy wesýet edip gidipdir (*Rus aýtgysam barmy: “Kim töleýän bolsa, şolam çalynmaly sazy sargaýar”? Ýa-da has wejeraragy: “Kim nahar berse, şolam gyzy rakslaýar”* ).

***

Bertran Rassel, iňlis pelsepeçisi, matematigi, jemgyýetçilik işgäri, 1950-nji ýylda bu baýragy alýar. Durmuşda juda ahlaksyz özüni alyp barşy bilen tapawutlanan, hudaýsyzlyga süňňi bilen uýan, öz oglunyň gelnini oýnaş tutunan we netijede ogluny aklyndan azaşdyryp, dälihana ýollan bu adam, özüniň “Ahlak we nika” atly çuňňur filosofiki eseri üçin Nobel baýragyna mynasyp bolupdyr.

***

Uinston Çerçilli, Nobel komiteti, 1953-nji ýylda “onuň taryhy we terjimehal beýan etmeginiň belent sungaty, şeýle hem beýik ynsan gymmatlyklarynyň penasyndaky ýalkymly suhangöýlügi üçin” edebiýat boýunça Nobel baýragyna mynasyp saýypdyr. Ýogsa şol gezek dalaşgärleriň arasynda eýýäm özüniň “Goja we deňiz” powestini neşir etdiren Ernest Hemingueý (ol baýragy 1954-nji ýyl alýar) hem bar ekeni.
Ýöne bellemeli zat, U.Çerçilliň özem baýragyň berilmegine

müýnürgäpdir. Ol özüne mahsus henekçillik bilen baýragyň berilmegi mynasybetli özüni gutlamaga gelen şwed ilçisine: “Umyt edýän, siz meniň edebiýat başarnyklaryma öňünden kembaha garaýan dälsiňiz-le!” diýip, degşipdir. Ýogsa ol bu baýragyň Parahatçylyk üçin diýen görnüşini almaga uly höwes bilen ymtylýan ekeni.

***

Wladimir Nabokow. 2014-nji ýylda Şwed akademiýasy 1963-nji ýyl üçin edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesiniň seçilip alnyşy hakdaky resminamalary köpçülige ýaýradýar (düzgüne laýyklykda, bu baýraga mynasyby saýlamak, oňa hödürlemek bilen bagly maglumatlar, diňe şondan 50 ýyl geçenden soň aýan edilmäge degişli). Şol resminamalara laýyklykda, Şwed akademiýasynyň hemişelik agzasy Anders Esterling, W.Nabokowa bu baýragy gowşurmagy ret etmeginiň sebäbini şeýle düşündiripdir: “Ahlaksyz hem şüweleňli roman “Lolitanyň” awtorynyň, hiç bir ýagdaýda baýraga dalaşgär hökmünde garalmagy mümkin däldir”.

***

Swetlana Aleksiýewiç, 2015-nji ýylda bu baýragy alýar. Ýöne, esasy käri çeper döredijilik däl-de žurnalistika bolan bu hanyma bu baýragyň berilmegi häzirki wagta çenli jedellere sebäp bolmagyny bes etmeýär. Onuň garşydaşlarynyň esasy delili, S.Aleksiýewiçiň ilkinji nobatda çeper edebiýat bilen däl-de publisistika bilen meşgullanýandygy hem-de onuň öz ýurdundaky resmi häkimiýetlere garşy durýandygy sebäpli, zehini, ýazyjylyk ussatlygy üçin däl-de, syýasy şertlerden ugur alnyp baýragyň oňa berlendigi bolup durýar.

***

Netijede “Die Welt” nemes neşiri, sap çeper edebiýat baýragyny žurnalist hanym Aleksiýewiçe, meşhur aýdymçy Bob Dilana, güýmenje edebiýatynyň ýazary Kadzuo Isiguro yzygiderli gowşuryp, şwed akademikleriniň bu baýragyň ähmiýetini ýitirendikleri hakda ýazypdyr.

Nobel komiteti bolsa bu çykyşlarydyr ýöňkemeleri, “buz üstünde tozan aramak” hasaplap, Nobel komitetiniň agza akademikleriniň (Sebäbi olar akademik ahyry! Nä, “akademiklik” Güne ýatylyp alynýarmy? Azap çekilýär-ä-how, o zatlar üçin! :-)) edebiýatdan has gowy baş çykarýandyklaryny yzygiderli ýaňzydýar… (*“…myş” diýýärmiş myş-myşlar* ).

***

Edebiýat boýunça Nobel baýragy bilen bagly ahyrky jenjel bolsa, 2018-nji ýylda bolup geçdi. 2017-nji ýylyň noýabrynda, Şwed akademiýasynyň agzasy, şahyr, ýazyjy Katarina Frostensonyň adamsy, fotosuratçy hem teatr režissýory Žan-Klod Arnonyň, hut akademiýanyň çäginde 18 sany dürli ýaşly zenanlar bilen bitertip jynsy gatnaşyklary ýa-da olara jynsy taýdan lak atmalary hem-de akademiýanyň kätibi Sara Daniusyň baýrak bilen bagly gizlin maglumatlary dalaşgärlere äşgär edýändigi hakynda habarlar, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine ýaýraýar. Netijede akademikleriň umumy ses bermegi arkaly K.Frostenson we S.Danius guramanyň agzalygyndan çykarylýarlar. Bu jenjelem 2018-nji ýylda edebiýat boýunça Nobel baýragynyň gowşurylman galmagyna getirýär.
Arada bir gün, internetde, edebiýat boýunça Nobel baýragy barada birnäçe henekleri okadym. Aýdaýyn, ýagny ýazaýyn:

***

Eger-de islendik bir adama, hiç zat düşündirmezden, şakyr-şukur edebiýat boýunça Nobel baýragyny gowşursaň, onda ol öz göwnüniň haýsam bolsa iň pynhan jümmüşinde, baýragyň özüne näme sebäpden gowşurylandygyny hökman biler :-).

***

Iki sany ýaňy ýazyp başlan, gögele ýazyjy sataşýar. Biri beýlekisinden soraýar:
-Dos, bumat nämejikler ýazan bolýaň?
-Äý,-diýýär-de, söhbetdeşi ýeňsesini gaşaýar:-Nobel baýragy üçin eser ýazjak bolýan welin, nämeden başlajagymy bilemok-

laý…
-Weh, sen sammyg-aý, dos,-diýýär-de, dosty beletlik bilen dilleňýär:-ilki bilen frak satyn al. Baýrak gowşurylanda şony geýmeseň bolmyýamyş :-).

***

Iki sany gögele ýazyjy dur, biri beýlekisine ýüzleňýär:
-Dos, Şolohowa nämüçin Nobel berdiler-aý?
-“Ýuwaş Dony” ýazdy.
-O näme hakd-aý?
-Äý… Grişa ilk-ä öýleňýä, soňam Anfisany oýnaş tutunýa, arasynda-da ilk-ä biziňkilik bolýa, soňam tersine…
-Şuň üçinem Nobel berýälemmi, onsoň?! □

***

Ýaş ýazyjy ylgap öýlerine gelýä-de, edebiýatdan çalarak başy çykýan gelnine buşlaýar:
-Janym jan, men awtowuzdan düşjek bolanymda büdredim-de, ajaýyp bir eseriň ideýasyny oýlap tapdym…
Gelni begenmekden geçen, gaýta derrew gussa batýar-da, torsarylýar.
Ýaş ýazyjy birhili bolýar:
-Näme boldy, janym jan?
-Meň Nobel baýragy gowşurylanda geýmäge zadym ýog-a… □

“Dile geldi, bile geldi”, rugsat berseňiz, şu ýerde Berdinazar agaň hemmelere diýen ýaly mälim dört setirini getirmek bilen sözümi jemläýin:

*Başymyzda dünýäň işi,*
*Aýnatmalyň akyl-huşy,*
*Ynsanlygyň mähek daşy –*
*Ynsap bizden aýrylmasyn!*

“Mähekdaş”-a-ha, ine şeýleräk, gardaşlar!

*Dürli internet maglumatlarynyň esasynda taýýarlanyldy.* Edebi

makalalar